Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

№25 (47) 2022-nji ýylyň 30-njy noýabry

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar




# НОВЫЕ ГОРИЗОНТЫ ПАРТНЁРСТВА С ОАЭ

*Очередной вехой на пути укрепления сотрудничества в научно-образовательной сфере между Туркменистаном и Объединёнными Арабскими Эмиратами стал подписанный в рамках состоявшегося недавно официального визита в эту страну Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова Меморандум о взаимопонимании между Институтом международных отношений Туркменистана и Дипломатической академией имени Анвара Гаргаша ОАЭ.*

В Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана налажена активная деятельность по обмену опытом с ведущими научно-образовательными центрами мира по подготовке дипломатических кадров. Основной задачей такого сотрудничества является обеспечение высокого качества подготовки специалистов-международников в сфере внешнеполитической деятельности на основе использования передового зарубежного опыта, в том числе современных инновационных, педагогических технологий и научных разработок, эффективной координации деятельности образовательных и научно-исследовательских учреждений страны на данном направлении. В этом же контексте немаловажно создание действенной системы переподготовки и повышения квалификации кадров-международников в целях формирования постоянно обновляемого перспективного кадрового резерва. Столь же актуально кардинальное повышение эффективности фундаментальных и научно-прикладных исследований, направленных на выработку решений и перспектив развития международных отношений, сотрудничества с зарубежными партнёрами.

Взаимодействие соответствующих профильных научно-образовательных структур нацелено на реализацию программ академической мобильности, предусматривающих активное участие именитых лекторов, крупных учёных и перспективных молодых преподавателей в краткосрочных стажировках на базе ведущих зарубежных образовательных учреждений и учебно-исследовательских центров, их вовлечение в разнообразные формы академической мобильности. В их числе –программы обмена и стажировки специалистов и учёных, участие в зарубежных конференциях и семинарах, осуществление совместных с зарубежными партнёрами научных исследований и других форматов взаимодействия.

Со дня своего создания Институтом международных отношений МИД Туркменистана подписаны 30 различных документов о сотрудничестве с 27 государственными высшими учебными заведениями и дипломатическими академиями ряда зарубежных стран. Согласно данным документам, интенсивно развивается двустороннее сотрудничество по подготовке специалистов и повышению их квалификаций на взаимной основе.

Как известно, Дипломатическая академия Анвара Гаргаша (AGDA) готовит специалистов для обеспечения глобальной стабильности и укрепления международного мира, внося огромный вклад в развитие дипломатии и государственной службы ОАЭ. Академия уделяет первоочередное внимание созданию образовательного контента мирового уровня для подготовки поколения дипломатов ОАЭ и других государственных служащих, а также исследовательской программе, которая лежит в основе более широкой миссии AGDA. В предстоящий период AGDA продолжит расширять сферу своей деятельности, предлагая всё больше академических курсов. Междисциплинарные программы ориентированы на широкие перспективы и профессиональные связи, что позволит студентам Академии внести свой вклад в решение самых насущных проблем региона. В реализации этого долгосрочного видения AGDA сотрудничает с глобальной сетью академических учреждений и частных лиц.

Таким образом, официальный визит Президента Туркменистан в ОАЭ стал ещё одной знаменательной вехой в истории развития многогранных отношений двух стран.

***Мердан БЕРДЫНИЯЗОВ, преподаватель ИМО МИД Туркменистана.***




## «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» akyl-paýhas bäsleşiginiň II möwsüminiň I oýny geçirildi

22-nji noýabrda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň II möwsüminiň I saýlama tapgyrynyň I oýny geçirildi.



Bäsleşigiň I oýny «Gadymy Marguşdan Parfiýa çenli: parahatçylyk sungatynyň siwilizasion ýörelgeleri» atly tema boýunça geçirildi.

I saýlama tapgyrynyň I oýnuna test synaglarynda ýokary netije görkezen mekdep okuwçylarynyň 16 sanysy gatnaşdy. Bäsleşigiň netijelerine görä, gowy netije görkezen gatnaşyjylaryň birnäçesi ýeňiji diýlip yglan edildi.

## The 23rd international children's forum on climate change and children's attitudes

The 23rd International Children's Conference on Climate Change and Children's Attitudes was organized by the Ministry of Family and Life of the Republic of Turkey and the United Nations Children's Fund (UNICEF) in Ankara, Turkey, from November 20 to 22, 2022. This international forum was attended by the Head of the Department of International Law and Comparative Jurisprudence of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan Ayjan Omarova and a student of the Institute's Faculty of International Economic Relations Yupar Egirjayeva, as well as young people from the Republics of Azerbaijan, Albania, Bulgaria, North Macedonia, Georgia, Kyrgyzstan, Italy, Moldova, Tajikistan and the state of Ukraine.

## Лекция по гендерному равенству в целях устойчивого развития

24 ноября 2022 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана была проведена лекция по гендерному равенству в целях устойчивого развития с участием Чрезвычайного и Полномочного посла Соединенного Королевства Великобритании и Северной Ирландии в Туркменистане Люсии Уайлд, советника внешнеполитического ведомства по вопросам социального развития, а также эксперта по гендерным вопросам Джесси Кирк, студентов и преподавателей Института международных отношений МИД Туркменистана и Международного университета гуманитарных наук и развития. Данное мероприятие было организовано посольством Великобритании в Туркменистане и высшими учебными заведениями Туркменистана.

***«Ýaş diplomatyň sesi».***



# TÜRKMENISTAN — KOREÝA:

## HOŞNIÝETLI HYZMATDAŞLYK ÖSDÜRILÝÄR



Häzirki wagtda Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasynda ýola goýlan hoşniýetli gatnaşyklar täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýar. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy bolup durýan «Açyk gapylar» syýasaty dünýäniň ähli döwletleri bilen dostlukly gatnaşyklaryň ýola goýulmagy üçin oňyn şertleriň döredilmegine itergi berýär. Soňky ýyllarda Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde ýurdumyzyň goňşy we alys döwletler bilen alyp barýan hoşniýetli gatnaşyklarynyň örüsi giňeýär. Şeýle ýurtlaryň hataryna Aziýa «gaplaňlarynyň» kerwenbaşysy bolan Koreýa Respublikasyny mysal getirmek bolar. Häzirki wagtda iki döwletiň arasyndaky syýasy, söwda-ykdysady, gämi gurluşyk, nebitgaz, ylmy-tehniki we medeni ugurlar babatda hyzmatdaşlyklar has-da ösdürilýär we hil taýdan täze derejelere çykarylýar.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanda Koreýa Respublikasynyň ilçihanasy 2008-nji ýylyň ýanwar aýynda açylyp, şol ýylyň noýabr aýynda bolsa Gahryman Arkadagymyzyň dostlukly ýurda amala aşyran ilkinji döwlet sapary ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň senenamasynda möhüm wakalaryň başlangyjy boldy. Şeýle-de 2013-nji ýylda Koreýa Respublikasynyň paýtagty Seulda Türkmenistanyň ilçihanasynyň açylmagynyň özi uzakmöhletleýin, özara bähbitli hyzmatdaşlygy okgunly ösdürmäge ýardam etdi.

Türkmen-koreý halklarynyň arasynda birnäçe umumylyklar we meňzeşlikler bar. Bu iki halk hem gadymy taryhly, medeni mirasly halkdyr. Edil türkmenlerde bolşy ýaly, kiçini sylamak we ula sarpa goýmak koreý halkynyň ganynda bar. Eden işiň kemini-köstüni goýmazlyk, janypkeşlik bilen zähmet çekmek sypatlary iki halka-da deň derejede mahsus. Şeýle ýakynlyklary bolan iki halkyň arasynda üçünji müňýyllykda has ýakyn özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýmagyň zerurdygyny, olary hil taýdan has belent derejä çykarmagyň zerurdygyna Gahryman Arkadagymyz turuwbaşdan uly üns berip gelýär.

Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 27-28-nji noýabrynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Koreýa Respublikasyna resmi sapar amala aşyrdy. Onuň çäklerinde dostlukly ýurduň Milli Assambleýasynyň Başlygy Kim Jin-Pýo bilen duşuşmagy hem-de iki döwletiň parlamentarileriniň arasynda özara hyzmatdaşlyk hakynda Ähtnama gol çekilmegi, türkmen-koreý gatnaşyklarynyň hyzmatdaşlygyň has-da berkeýändigine şaýatlyk edýär. Ikitaraplaýyn gepleşikleriň dowamynda parlamentara gatnaşyklaryny has-da işjeňleşdirmek, dürli ugurly hyzmatdaşlygy giňeltmek, ýaşlaryň parlamentara özara hyzmatdaşlygyny döretmek, azyk howpsuzlygy, ekologiýa, elýeterli lukmançylyk we ylym-bilim ýaly ugurlarda hyzmatdaşlygy ösdürmek babatda özara bähbitli birnäçe tekliplerdir başlangyçlar öňe sürüldi.

Şeýle-de saparyň dowamynda Gahryman Arkadagymyzyň Koreýa Respublikasynyň öňdebaryjy ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan türkmen ýaşlary bilen duşuşmagy we hormatly Prezidentimiziň adyndan sowgatlary hem-de Gahryman Arkadagymyzyň çuňňur paýhasyndan dörän «Ömrümiň manysy» atly kitabyny sowgat bermegi, dünýäniň dürli künjeklerinde bilim alýan türkmen ýaşlarynyň hemişe döwletimiz tarapyndan uly üns-alada bilen gurşalandygynyň aýdyň subutnamasy boldy.

Saparyň dowamynda Gahryman Arkadagymyz dostlukly ýurduň Prezidenti Ýun Sok Ýol bilen duşuşdy. Geçirilen gepleşikleriň dowamynda dostlukly döwletiň Baştutany bilen hormatly Arkadagymyz ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi bilen bagly meseleler boýunça pikir alşyldy. Şeýle-de Gahryman Arkadagymyz Koreýa Respublikasynyň Prezidentini özi üçin amatly bolan islendik wagtda Türkmenistana sapar bilen gelmäge çagyrdy.

Şeýle-de saparyň dowamynda hormatly Arkadagymyz «Türkmenistan — Koreýa» parlamentara dostluk toparynyň ýolbaşçysy Li Dal-Gon, Koreýanyň Halkara söwda assosiasiýasynyň (KITA) prezidenti Kristofer Ku, «Daewoo Engineering and Construction» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Juň Won-Ju, şeýle hem «Hyundai Engineering» kompaniýasynyň Baş direktory Hoň Hýon Suň we «LX International Corp.» kompaniýasynyň prezidenti Ýun Çun Sun, şeýle-de Koreýa Respublikasynyň işewür düzümleriniň wekilleri bilen duşuşyk geçirdi. Ikitaraplaýyn duşuşyklaryň dowamynda ýurt hem-de sebit ähmiýetli hyzmatdaşlygy ösdürmegiň häzirki ýagdaýy we geljegi ara alnyp maslahatlaşyldy.

Saparyň dowamynda iki ýurduň ugurdaş düzümleriniň we işewür toparlarynyň arasynda ikitaraplaýyn resminamalaryň uly toplumyna gol çekildi. Şolaryň hatarynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi bilen Koreýanyň halkara söwda assosiasiýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy bilen «Hyundai Corporation» kompaniýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenawtoulaglary» agentligi bilen «Hyundai Corporation» kompaniýasynyň arasynda söwda-ykdysady, ylmy we tehniki hyzmatdaşlygy giňeltmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti bilen «Hyundai Corporation» kompaniýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi bilen Koreýa Respublikasynyň «Hyundai Engineering» kompaniýasynyň arasynda Balkan welaýatynda ammiak we karbamid öndürýän zawodyň taslamasyny düzmek, enjamlary bilen üpjün etmek we gurmak barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama; «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen «Daewoo Engineering and Construction» kompaniýasy bilen gizlinlik hakynda Ylalaşyk we özara düşünişmek hakynda Ähtnama bar.

Bir söz bilen aýdanymyzda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Koreýa Respublikasyna amala aşyran resmi sapary türkmen-koreý gatnaşyklarynyň taryhynda täze sahypa açjak möhüm ähmiýetli wakalara baý boldy. Şu nukdaýnazardan seretsek, geljekde Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygyň geljekde has-da ýokary derejä göteriljekdigi ikuçsuzdyr. Goý, dostlukly türkmen-koreý gatnaşyklarynyň dowamaty dowam bolsun!

***Gurbanjemal EGIRJÄÝEWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.***

# ЭКОНОМИЧЕСКИЙ ФОРУМ СПЕКА

СПЕКА - Специальная программа Организации Объединенных Наций для экономики Центральной Азии, которая направлена на поддержку развивающихся стран, не имеющих выхода к морю, в их интеграции в мировую экономику и обеспечивает платформу для трансграничного сотрудничества по широкому кругу вопросов. Эта программа была создана в 1998 году для укрепления внутрирегионального сотрудничества в Центральной Азии. Европейская экономическая комиссия Организации Объединенных Наций (ЕЭК) и Экономическая и социальная комиссия ООН для Азии и Тихого океана (ЭСКАТО) совместно обеспечивают общую поддержку деятельности Программы. Первая сессия прошла в 1998 году, в Алматы (Казахстан).

Экономический форум СПЕКА 2022 года прошел с 16 по 17 ноября в Алматы с участием делегатов из Азербайджана, Казахстана, Кыргызстана, Таджикистана, Туркменистана и Узбекистана. Целью форума, прошедшего под темой «Более экологичное и безопасное будущее», является сотрудничество между странами участницы СПЕКА.

UNITED NATIONS ESCAP
Economic and Social Commission for Asia and the Pacific



Представители стран Центральной Азии собрались в Казахстане, чтобы обсудить пути консолидации сотрудничества в целях развития устойчивой экономики, более экологичной, посредством использования преимуществ технологических достижений, поскольку их экономики пострадали от продолжающейся пандемии COVID-19 и геополитического кризиса.

Для Туркменистана вопросы охраны окружающей среды и вопросы экологии имеют первостепенное значение и являются приоритетными. На этом форуме Туркменистан представил также приоритетные задачи стратегии по изменению климата. Туркменистан ратифицировал ряд основных природоохранных конвенций, подписал Парижское соглашение по изменению климата, и постоянно проводит работу по решению возникающих вопросов. Кроме того, страна, поддерживая усилия международного сообщества по снижению объема выбросов парниковых газов, переходит к использованию экологически чистых ресурсосберегающих технологий в промышленности и транспорте. Туркменистан также активно участвует в программе по улучшению экологической ситуации в бассейне Аральского моря и Национальной программе по Аралу на 2021 — 2025 годы.

На мероприятии намечено разработать идеи для скоординированных действий правительств, системы ООН и других соответствующих заинтересованных сторон по обеспечению экономической безопасности и устойчивости при одновременном достижении гендерного равенства и расширения прав и возможностей женщин.

18 ноября 2022 года, также, состоялась XVII сессия Руководящего совета СПЕКА, на которой стороны рассмотрели текущую работу в рамках Программы, а также заслушали отчет о сотрудничестве с партнерскими организациями и донорами.

Мероприятия организуют Экономическая и социальная комиссия ООН для Азии и Тихого океана (ЭСКАТО) и Европейская экономическая комиссия ООН (ЕЭК ООН) совместно с правительством Республики Казахстан, которая является действующей страной-председателем в СПЕКА.

В своем выступленияи туркменская сторона призвала государства регионаСПЕКАобъединитьусилияи достичь целей зеленого развития.

В заключение, выражаем искреннюю признательность Герою-Аркадагу и Аркадаглы Сердару за возможность принимать участие в столь важных мероприятиях.

***Сульгун НЕПЕСОВА,***
***преподаватель Кафедры международных экономических отношений Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана.***

***7 февраля 1992 года Туркменистан установил дипломатические отношения с Республикой Корея.***

***SPECA was launched in 1998 to strengthen subregional cooperation in Central Asia and its integration into the world economy.***



*Обозрение*

# ТУРКМЕНИСТАН В МЕЖДУНАРОДНОМ МЕДИА ПРОСТРАНСТВЕ

В последней декаде ноября 2022 года события и новости политической, экономической, социальной сфер нашей Отчизны нашли своё достойное отражение в мировом информационном пространстве.

Одно из приоритетных направлений внешней политики нашего государства, как построение взаимовыгодных и дружелюбных отношений со странами мира, было освещено авторитетным информагентством **ТАСС**, которое на своём официальном сайте сообщает о развитии сотрудничества Туркменистана с ОАЭ в нефтегазовой и химической отраслях:



*«Туркмения и Объединенные Арабские Эмираты (ОАЭ) будут укреплять сотрудничество в нефтегазовой и химических отраслях, а также в области возобновляемой энергии. Об этом говорится в совместном заявлении Туркмении и ОАЭ по итогам визита туркменского лидера Сердара Бердымухамедова в Абу-Даби.*

*В документе также говорится, что в усилении двустороннего экономического сотрудничества важную роль играют транспортные сообщения. В связи с чем, стороны подчеркнули необходимость взаимодействия международных портов Туркмении и ОАЭ».*

В ходе вышеуказанного визита в Абу-Даби главы нашего государства были обсуждены еще несколько стратегических направлений сотрудничества. В частности, новость о планах двух стран создать совместный Деловой Совет нашла свое достойное освещение на странице регионального новостного агентства **CentralAsia News**:



*«Заместитель председателя кабинета министров Туркменистана — глава МИД Рашид Мередов 25 ноября принял участие в заседании правительства, в ходе которого представил отчёт по итогам официального визита президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова в Объединённые Арабские Эмираты 21–22 ноября.*

*Во время своего выступления Мередов сообщил, что в ближайшее время Туркменистан посетит делегация из ОАЭ. Во время визита планируется подготовить Рабочий план по сотрудничеству между Торгово-промышленной палатой Туркменистана и Федерацией торгово-промышленных палат ОАЭ на 2023–2024 годы, а также рассмотреть вопрос создания совместного Делового совета».*

В ходе двусторонних и многосторонних встреч в Абу-Даби были обсуждены различные сферы сотрудничества. В частности, новость о приглашении Президента Туркменистана представителей деловых кругов и компаний дружественной страны активнее сотрудничать с национальными компаниями в сфере ТЭК была размещена на официальной странице российского новостного портала **ТАСС**:

*«Президент Туркмении Сердар Бердымухамедов пригласил компании из Объединенных Арабских Эмиратов (ОАЭ) к активному сотрудничеству в проектах в сфере энергетики и газохимической промышленности страны.*

*Бердымухамедов напомнил, что в Туркмении успешно работает компания Dragon Oil (ОАЭ) и пригласил другие предприятия страны для участий в проектах в названных выше сферах, отметив, что компании из ОАЭ в Туркмении рассматривают в качестве «самых перспективных партнеров».*

Развитие межпарламентских отношений нашей страны с остальными странами мира также стало объектом пристального внимания зарубежных информагентств. К примеру, новость об обмене посланиями между Президентом Узбекистана и Председателем Халк Маслахаты Милли Генгеша Туркменистана была размещена на официальной странице узбекского новостного портала **UzDaily**:

*«Состоялся обмен посланиями между Президентом Республики Узбекистан Шавкатом Мирзиёевым и Председателем Халк Маслахаты Милли Генгеша Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедовым. В них высоко оцениваются современный высокий уровень двустороннего сотрудничества и итоги состоявшегося в Самарканде саммита Организации тюркских государств».*

Освещение таких важных событий и новостей, происходящих в нашей стране, является еще одним ярким свидетельством высокого уровня заинтересованности авторитетных международных агентств общественно-политической жизнью нашего государства.

**Подготовили: Аннаберди КАШАНОВ, Гурбансахет ГУРБАНСАХЕДОВ, студенты факультета международной журналистики.**

# E-KAZYÝET NÄME?

Maglumatlar eýýamy bize ähli ugurlarda tehnologiki mümkinçilikleri döredip berýär. Durmuş üpjünçiliginden senagat ulgamyna, ylym-bilim ulgamyndan saglygy goraýşa, ulag-logistika ulgamyndan syýahatçylyga, şeýle-de başga birnäçe möhüm ulgamlarda sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy sanly ulgamyň mümkinçilikleriniň çygryny görnetin giňeltdi. Häzirki wagtda her bir pudagyň özüne mahsus ösüş ýoly, tehnologiýalaşma prosesi bar.

Islendik döwletiň ösüş ýoluna garap geçsek, her bir ýurduň kanunçylyk binýadynyň şol döwletiň ösmeginde örän möhüm orun tutýandygyna göz ýetirmek bolýar. Bu ýagdaýyň



anyk we takykdygyny hukuk ulgamynyň düzgünleşdirilişinde hem görmek mümkin. Şu ugurlara eýerip, dünýäniň ösen döwletleri hem kanunçylygyň zerur ulgamy bolan kazyýet ulgamynda sanly tehnologiýalaryň ulanylyş düzgünini doly ýola goýdy. Bu ulgamda ornaşdyrylan sanly ulgamyň mümkinçilikleriniň kazyýet ulgamy bilen utgaşmagyna «elektron Kazyýet ulgamy», ýagny e-Kazyýet diýilýär. e-Kazyýetiň häzirki wagtda ähli ösen ýurtlarda doly ulanylyp başlanmagy kazyýet önümçiliginiň düýpgöter artmagyna getirdi. Gysga wagtyň dowamynda kazyýet seljermesiniň netijeliligi ýokarlandy. Resminamalaryň dolanyşygynyň dolulygyna sanlylaşdyrylmagy e-Kazyýetiň esasy mümkinçilikleriniň biridir. Onuň ýene bir bellärlikli aýratynlygy, diňe bir kazyýet ulgamy bilen çäklenmän, notarial edaralardan başlap, döwlet howpsuzlyk edaralarynyň düzümlerine çenli, şol sanda adwokatura edarasynyň we hukuk kömegini berýän beýleki hökümet edaralarynyň iş üpjünçiligini ýola goýýar. Şol bir wagtda, döwlet işgärleriniň iş prosesini ýeňilleşdirýär, hukuk işiniň hilini artdyrýar. Halkara derejede möhüm orna eýe bolan bu iri göwrümli taslamanyň ornaşdyrylmagyny Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Ýaponiýa we Hindistan ýaly döwletler goldaýar. Taslamanyň şeýle möhümdigine Ýewropa Bileleşiginiň e-Kazyýet portaly aýdyň şaýatlyk edýär. Häzirki wagtda bu taslama 23 dilde ulanmak mümkinçiligi we notarial edaralarynyň sanly ulgamda iş alyp barmagy ýaly aýratynlyklary özünde jemleýär. Şeýle-de bu taslama beýleki dünýä döwletleriniň dolandyryş ulgamynda durmuşa geçirilmegini dowam edýär.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň biz — ýaşlara döredip berýän mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanyp, geljekde Türkmenistanyň döwlet kanunçylygyny kämilleşdirjek ussat hünärmenler bolup ýetişmekligi maksat edinýäris. Watanymyzyň parahatçylyk söýüjilikli içeri we daşary syýasatyna ygrarly bolup, ýurdumyzyň kanunçylyk ulgamyny tehnologiýalaşdyrmakda uly işleri alyp barjak ýaş alymlaryň biri boljakdygymyza Gahryman Arkadagymyzy, hormatly Prezidentimizi tüýs ýürekden ynandyrýarys. Goý, Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, başy dik, halk bähbitli işleri elmydama rowaç alsyn!

***Kadyrmyrat ÖWEZGYLYJOW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara hukugy fakultetiniň I ýyl talyby.***

*Туркменистан в партнерстве с ООН запустят систему «Электронное Правительство»*

*Обязанность юриста – просвещать собственный народ*
***Марк Туллий Цицерон***



(Soňy. Başlangyjy gazetiň 46-njy sanynda).

«100 великих дипломатов» kitabyndan terjime

Aleksandra Mihaýlownanyň sowet-şwed gatnaşyklarynyň sowaşan döwri Şwesiýa gelmegi onuň diplomatik zehinini aýdyň ýüze çykarýar. Ol Şwesiýada 15 ýyl ýaşaýar. Uruşdan öňki kyn döwrüni-de, II jahan urşunyň we Beýik Watançylyk urşunyň dartgynly ýyllaryny-da Şwesiýada geçirýär. Bu döwürde

USSATLARYŇ KÄMILLIK ÝOLY

# Aleksandra Mihaýlowna Kollontaý

diplomat zenan iki ýurduň arasyndaky maliýe meselelerini hem çözmeli bolupdyr. Mysal hökmünde aýtsak, rewolýusiýadan ozal Kerenskiniň hökümeti Russiýanyň 100 million kron altyn ätiýaçlygyny Şwesiýanyň banklaryna goýupdy. Aleksandra Mihaýlowna 1933-nji ýylyň iýunynda altyn ätiýaçlarynyň Sowet Soýuzyna gaýtarylmagy baradaky şertnama gol çekilmegini gazanýar. Bu möhüm wakadan biraz öň Aleksandra Mihaýlowna «Lenin» ordeni bilen sylaglanýar. Mundan başgada, Sowet Soýuzy bilen Şwesiýanyň arasynda milliard kronlyk karz şertnamasyna gol çekilmegi-de Kollontaýyň diplomatik başarjaňlygynyň subutnamasydyr. Gynansak-da, Ikinji jahan urşunyň başlanmagy özara bähbitli şertnamany durmuşa geçirmäge ýol bermändir. Aleksandra Mihaýlowna Şwesiýada Sowet Soýuzy bilen «Dostluk jemgyýetiniň» döredilmegine uly goşant goşýar we geňeşiň hormatly agzalygyna saýlanýar.




1939-njy ýylyň gyşynda SSSR bilen Finlýandiýanyň arasynda harby çaknyşyklar bolup geçýär. Aleksandra Mihaýlowna Şwesiýanyň jemgyýetçilik toparlarynda Finlýandiýa bilen Sowet Soýuzynyň arasynda parahatçylykly gepleşikleriň araçysy bolmak höwesiniň artýandygyny bilýärdi. Ol bu ýagdaýy iki ýurduň hem bähbidine peýdalandy we urşuň soňlanmagyny gazandy.

Aleksandra Mihaýlowna 1942-nji ýylyň martynda 70 ýaşyny doldurýar. Bu wagta çenli ol ysmaz keseli bilen keselläpdir, şonuň üçin hem çep elini we aýagyny hereketlendirip bilmeýän eken. Ol maýyplyk arabasynda oturan ýerinde myhmanlary kabul edipdir. Aleksandra Mihaýlowna gürlände-de biraz kynçylyk çekipdir, muňa garamazdan, ol şadyýan bolmaga synanyşypdyr. Şol ýyl ol duaýen, ýagny Stokgolmda diplomatik korpusyň starşinasy diýen derejäni alýar.

Finlýandiýanyň döwlet işgärleri 1944-nji ýylda faşistik Germaniýanyň tarapynda uruş alyp barýan Finlýandiýanyň uruşdan çykmagyna getiren çylşyrymly diplomatik gepleşiklerde Aleksandra Mihaýlownanyň hyzmatyny aýratyn belläp geçipdirler. 1944-nji ýylyň fewralynda Kollontaý Finlýandiýanyň prezidenti Rýutiniň köne tanşy bolan şwed bankiri Wallenberg bilen duşuşypdyr. Duşuşyk netije berýär: 1944-nji ýylyň 7-nji fewralynda Wallenberg Rýuti bilen Helsinkide duşuşýar, şondan soň Finlýandiýanyň hökümeti Ý.K.Paasikiwini gepleşikler geçirmek üçin Şwesiýa ugradýar.



Aleksandra Mihaýlowna bilen Paasikiwiniň duşuşygy 1944-nji ýylyň mart aýynda Stokgolmda geçirilýär. Parahatçylygyň şertleri boýunça Finlýandiýa dessine faşistik Germaniýa bilen gatnaşyklaryny kesmelidi, ähli nemes Ýaragly Güýçlerini tussag etmelidi we 1939-1940-njy ýyllaryň «gyş urşundan» soň döredilen sowet-fin serhedini ykrar etmelidi. Kollontaýyň täsiri astynda sowet-fin gepleşikleriniň Stokgolmda, soňra bolsa Moskwada dowam etmegi netijesinde 1944-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda Sowet Soýuzy bilen Finlýandiýanyň arasynda ýaraşyk şertnamasy baglaşylýar. Bu waka zenan diplomatyň halkara gatnaşyklaryndaky örän ähmiýetli üstünlikleriň biri hökmünde altyn harplar bilen taryha ýazylýar.

Aleksandra Mihaýlowna Kollontaý 80-nji doglan gününden üç hepde öň aradan çykýar. Ol «diplomatlar seýilgähinde» Çiçerin bilen Litwinowyň ýanynda jaýlanylypdyr.

*Ajaýyp NOBATOWA,*
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.*



Halkaraçy hünärmeniň sözlüginden

## HALKARA GATNAŞYKLARYNDA DIPLOMATIKI ADALGALAR

*__Akkreditleme__ — daşary ýurt döwletinde diplomatik wekilhananyň baştutanyny bellemekligiň we onuň wezipesine girişmeginiň tertibi.*

*__Akt__ — hukuk güýjüne eýe bolan karar ýa-da resminama, meselem, hökümet akty, ekspertizanyň akty.*

*__Akklamasiýa__ — halkara guramalaryň we maslahatlaryň tejribesinde gabat gelinýän kararlaryň sese goýulmazdan, ýerlerden çykýan makullaýjy sesleriň, ýerlerden eşidilýän gep atmalaryň, el çarpyşmalaryň we ş.m. üsti bilen gatnaşyjylaryň seslenişleri esasynda kabul edilmeginiň usuly.*

*__Brifing__ — daşary syýasy edaralarynyň we beýleki döwlet edaralarynyň, halkara we beýleki guramalaryň wekilleriniň metbugatyň, radionyň, telewideniýäniň wekilleri bilen duşuşyklary, söhbetdeşligi bolup, şol duşuşyklaryň maksady soňkulary möhüm wakalar, halkara gepleşikleriniň, maslahatlaryň, simpoziumlaryň, mejlisleriň gidişi, olara gatnaşyjylaryň pozisiýalary we garaýyşlary, gazanylan netijeler barada habardar etmekden ybaratdyr.*

*__Duaýen__ — diplomatik korpusa baştutanlyk edýän adam, baýry diplomatik wekil.*

***Berdigylyç ÝAZMYRADOW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***



*Политика, тем более внешняя политика, не терпит случайностей или опрометчивости. Тут нужно торопиться, но не спеша!*
*А.Рахманов*

*Дипломатии, знаете, нельзя выучиться, – для этого нужно чутье.*
*Александр Дюма*



ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland!

Baş redaktor
Taňryberdi MYRATLYÝEW

*Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow*
*Jogapkär kätip: B.Garaýew*
*Jogapkär kätibiň orunbasary: A.Kaşaňow*
*Kätip: A.Nobatowa*
*Bölüm müdiri: A.Ýazweliýew*
*Edebi işgärler: J.Öwezowa, A.Atajykowa*
*Fotohabarçylar: M.Narmedow, B.Ýazmyradow*
*Korrektorlar: G.Egirjäýewa, A.Döwletowa.*

*Redaksion geňeşiň agzalary:*
*B.Ataýew, M.Berdinyýazow, W.Kadyrow, R.Bäşimow, B.Saryýew, T.Gutlyýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, A.Omarowa, M.Orazowa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, T.Döwletowa, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa, A.Nazarowa.*

*Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda hem-de iirmfa.nesil.edu.tm sanly bilim portalynda ýerleşdirilýär.*

*Email:*
yashdiplomathgi@gmail.com